Ähli-sünnet we'l-Jemagat kimler?



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Şeýh Muhammed bin Salih el-Useýminden (Allah oňa rehim etsin) soraýarlar:

Sorag: Ähli-sünnet we'l-Jemagat kimler bolýar?

Jogap:

Ähli-sünnet we'l-Jemagat (Pygamberimiziň sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine berk ýapyşan, sünnetiň üstünde birleşen we ylymy-akyda meselelerinde, amaly-höküm meselelerinde (Kuran), sünnetden başga zada ýönelmeýän kişilerdir. Şonuň üçin olar Ähli-sünnet diýip, atlandyrylýarlar. Çünki olar sünnete berk ýapyşan kişilerdir. Jemagat diýip atlandyrylmagynyň sebäbi bolsa, çünki olar sünnetiň üstünde birleşip, sünnetiň daşynda jemlenişendirler.

Emma bidgatçylaryň hal-ýagdaýyna ünsli seredip görseň. Olaryň akyda we amal meselelerinde biri-birinden üýtgeşikdigini görersiň. Bu bolsa olaryň soňradan tapan bidgatlary näçe bolsa, şonçalyk sünnetden uzaklaşandyklaryny görkezýändir.

من هم أهل السنة والجماعة ؟.

أهل السـنة والجماعـة هم الذين تمسكوا بالسـنة , واجتمعوا عليها , ولم يلتفتوا إلى سواهما , لا في الأمور العلمية العقدية , ولا في الأمور العملية الحكمية , ولهذا سموا أهل السنة , لأنهم متمسكون بها , وسموا أهل الجماعة لأنهم مجتمعون عليها

. وإذ تأملت أحوال أهل البدعة وجدتهم مختلفين فيما هم عليه من المنهاج العقدي أو العملي , مما يدل على أنهم بعيدون عن السنة بقدر ما أحدثوا من البدعة

(فتاوى ورسائل فضيلة الشيخ محمد بن صالح العثيمين ج/1 ص 37)

Çeşme: http://islamqa.info/ar/10777

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.